# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ KARARY

«05» sentýabr 2025 ý. №1501 Aşgabat ş.

## Türkmenistanyň zähmet bazaryny 2030-njy ýyla çenli ösdürmegiň Konsepsiýasyny tassyklamak hakynda

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurtda zähmet bazaryny mundan beýläk-de kämilleşdirmek, şeýle hem bu ugurda halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmek maksady bilen, **karar edýärin:**

1. Şulary tassyklamaly (goşulýar):

1) Türkmenistanyň zähmet bazaryny 2030-njy ýyla çenli ösdürmegiň Konsepsiýasyny;

2) Türkmenistanyň zähmet bazaryny 2030-njy ýyla çenli ösdürmegiň Konsepsiýasyny amala aşyrmak boýunça ýerine ýetirilmeli çäreleriň Meýilnamasyny.

2. Ministrlikler, pudaklaýyn dolandyryş edaralary, welaýatlaryň, Aşgabat we Arkadag şäherleriniň häkimlikleri şu kararyň birinji böleginde görkezilen Konsepsiýada bellenen çäreleriň ýerine ýetirilmegini üpjün etmeli.

3. Şu kararyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasarlary, Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministri, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministri, welaýatlaryň, Aşgabat we Arkadag şäherleriniň häkimleri hem-de Türkmenistanyň Ýokary gözegçilik edarasynyň başlygy gözegçilik etmeli.

**Türkmenistanyň Prezidenti** **Serdar Berdimuhamedow**

Türkmenistanyň Prezidentiniň
2025-nji ýylyň 5-nji sentýabrynda
çykaran 1501-nji karary bilen
tassyklandy

# Türkmenistanyň zähmet bazaryny 2030-njy ýyla çenli ösdürmegiň KONSEPSIÝASY

## I bap. Giriş

Türkmenistanyň zähmet bazaryny 2030-njy ýyla çenli ösdürmegiň Konsepsiýasy (mundan beýläk – Konsepsiýa) türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy, Gahryman Arkadagymyzyň başlyklyk etmeginde 2024-nji ýylyň 24-nji sentýabrynda geçirilen Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisinde berlen tabşyryga laýyklykda işlenip taýýarlandy.

Konsepsiýada ýurdumyzda zähmet bazaryny ösdürmegiň maksatlary, wezipeleri we esasy ugurlary kesgitlenýär.

Şeýle hem Konsepsiýada geljekde ýurdumyzda zähmet bazarynyň ösdürilmegi, zähmet gatnaşyklary we ilatyň iş bilen üpjünçiligi çygrynda kanunçylygyň kämilleşdirilmegi, zähmeti goramak we zähmete hak tölemek ulgamynyň has-da döwrebaplaşdyrylmagy, sanly hyzmatlaryň giňden ulanylmagy, beýleki ýurtlar, halkara guramalary, şol sanda Halkara Zähmet guramasy bilen hyzmatdaşlygyň ösdürilmegi ýaly ulgamlaýyn meseleleriň üstünde işlemek göz öňünde tutulýar.

## II bap. Konsepsiýanyň esasy maksady we wezipeleri

Konsepsiýanyň esasy maksady Türkmenistanyň Prezidentiniň baştutanlygynda ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek boýunça tutumly başlangyçlardan, giň gerimli özgertmelerden, ilatyň durmuş goraglylygyny mundan beýläk hem pugtalandyrmak boýunça durmuşa geçirilýän işlerden ugur alyp, ýurdumyzda zähmet bazaryny uzak möhletli ösdürmegiň maksatnamalaýyn çärelerini işläp düzmekden ybarat bolup durýar.

Konsepsiýanyň esasy wezipeleri:

1) ýurdumyzda zähmet bazaryndaky gatnaşyklary oňyn düzgünleşdirmek;

2) raýatlaryň ýaşaýyş-durmuş derejesini, durmuş goraglylygyny we iş üpjünçiligini mundan beýläk-de ýokarlandyrmak;

3) zähmet we iş bilen üpjünçilik ulgamynyň kanunçylygyny kämilleşdirmek;

4) ykdysadyýetiň ähli pudaklarynda zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmak;

5) zähmet gatnaşyklarynyň düzgünleşdirilmegini we zähmete hak tölemegiň usulyny kämilleşdirmek;

6) halkara hyzmatdaşlygyny, şol sanda Halkara Zähmet guramasy bilen hyzmatdaşlygy ösdürmek bolup durýar.

## III bap. Türkmenistanda zähmet we ilatyň iş bilen üpjünçiligi çygrynda ýetilen sepgitler

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy, Gahryman Arkadagymyzyň, şeýle hem Türkmenistanyň Prezidentiniň başlangyçlary bilen zähmet we ilatyň iş bilen üpjünçiligi ulgamynda düýpli özgertmeler üstünlikli durmuşa geçirilýär.

Ýurdumyzda zähmet gatnaşyklary, zähmeti guramak, zähmete hak tölemek, iş bilen üpjünçilik, durmuş üpjünçiligi we ilaty durmuş taýdan goramak çygrynda döwlet syýasatyny üstünlikli durmuşa geçirmek we bu ugurda halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmek maksady bilen, 2011-nji ýylda Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi döredildi.

Ykdysadyýetimiziň pudaklarynyň işçi güýjüne bolan isleglerini kanagatlandyrmak, ilatyň iş bilen üpjünçiligini gowulandyrmak, raýatlary hünäre ugrukdyrmak çygryndaky işleri kämilleşdirmek maksady bilen, ýurdumyzyň sebitlerinde zähmet we ilatyň iş bilen üpjünçiligi edaralary döredildi. Olarda iş gözleýänleri hasaba almagyň, olara işe ýerleşdirmek boýunça hyzmatlary ýerine ýetirmegiň tertibi kämilleşdirildi, şeýle hem iş berijilerde bar bolan

boş iş orunlary barada maglumatlary jemlemek we şol maglumatlaryň köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň kömegi bilen ilatyň dykgatyna ýetirilmegi ýola goýuldy.

Şunuň bilen birlikde, iş gözleýän adamalara bar bolan boş iş orunlarynyň hödürleniş çärelerini guramagyň tertibi tassyklanyp, oňa laýyklykda şäherlerde, etrap merkezlerinde şeýle çäreler dabaraly ýagdaýda geçirilip başlandy. Mundan başga-da, durmuş goraglylygyna aýratyn mätäçlik çekýän we zähmet bazarynda deň şertlerde bäsleşige ukypsyz raýatlary işe ýerleşdirmek üçin iş berijilere paýy bellemegiň tertibi hakynda Düzgünnama işlenip taýýarlanyp, raýatlaryň şeýle toparyna degişli adamlary ileri tutmak arkaly işe ýerleşdirmek düzgüni girizildi.

Türkmenistanyň häzirkizaman durmuş-ykdysady ösüşiniň esasy maksady ilatyň has işjeň bölegini düzýän zähmet gorlaryny netijeli dolandyrmak bolup durýar. Türkmenistanda zähmet gorlarynyň düzüminde zähmete ukyply ýaşdaky ilat agdyklyk edýär. Onuň paýy 98,5 göterime barabar bolup durýar.

Ýurdumyzda soňky ýyllarda zähmet gorlarynyň sanynyň ortaça 1,0 göterim ýokarlanmagy dowam edýär. Şunuň bilen birlikde, zähmet gorlarynyň, şol sanda ykdysadyýetiň pudaklarynda iş bilen meşgullanýanlaryň sanynyň artmagynyň dowam etmegine garaşylýar.

Häzirki wagtda iş bilen meşgullanýan ilatyň 23,9 göterimi döwlet kärhanalarynda we edaralarynda, 76,1 göterimi bolsa döwlete dahylsyz bölekde zähmet çekýär.

Ýurdumyzda alnyp barylýan işjeň maýa goýum syýasaty we maksatnamalaýyn özgertmeler soňky ýyllarda her ýylda müňlerçe täze iş orunlarynyň döremegine mümkinçilik berdi. Ilatymyzyň iş bilen üpjünçiliginiň derejesini ýokarlandyrmak, ýurdumyzyň öndüriji güýçlerini ösdürmek hem-de ilatyň iş üpjünçilik çygryndaky kanunçylyk binýady kämilleşdirmek boýunça çäreler üstünlikli durmuşa geçirilýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2016-njy ýylyň 14-nji oktýabrynda çykaran 14977-nji karary bilen «Maýyplygy bolan adamlaryň zähmet we iş üpjünçilik çygryndaky hukuklarynyň Türkmenistanda doly durmuşa geçirilmegini üpjün etmek üçin

2017–2020-nji ýyllarda amala aşyrylmaly çäreleriň Meýilnamasy» tassyklandy hem-de bu Meýilnama üstünlikli durmuşa geçirildi.

Türkmenistanyň Prezidentiniň çözgütlerine laýyklykda, adamlaryň girdejilerini we durmuş derejesini ýokarlandyrmak, şeýle hem önümçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmakda maddy taýdan höweslendirmek ýaly wezipelerden ugur alnyp, ýurdumyzda zähmet haklarynyň, pensiýalaryň, döwlet kömek pullarynyň, talyp we diňleýji haklarynyň möçberleri ýylyň-ýylyna yzygiderli ýokarlandyrylyp gelindi. Bu bolsa, ilatyň girdejileriniň artmagyny, satyn alyp bilijilik ukybynyň ýokarlanmagyny üpjün etdi.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2018-nji ýylyň 30-njy noýabrynda çykaran 984-nji karary bilen tassyklanan, «Türkmenistanda 2019–2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasynda» kesgitlenen wezipelere laýyklykda, Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrliginiň web-saýty döredilip, onuň işi yzygiderli kämilleşdirilip gelindi, häzirki wagtda hem ulgamyň işine sanly tehnologiýalaryň mümkinçilikleri giňden ornaşdyrylýar hem-de ilat üçin hödürlenýän hyzmatlaryň sany artdyrylýar.

Ministrligiň web-saýtynyň binýadynda «Türkmenistanyň ilatynyň iş bilen üpjünçiligi» sahypasy döredildi. Bu sahypada kärhanalar, edaralar we guramalar, şeýle hem aýry-aýry fiziki şahslar – hususy telekeçiler üçin özlerinde bar bolan boş iş orunlary, olar üçin zerur hünärmenler, işçiler barada maglumatlary ýerleşdirmek arkaly iş gözleýänleriň dykgatyna ýetirmek mümkinçiligi, iş gözleýänlere bolsa, hödürlenen boş iş orunlaryna görä öz bilimleri, iş tejribesi, işlemek isleýän işleri barada maglumatlary girizip, işe ýerleşmek mümkinçiligi döredildi.

Ministrligiň web-saýtynyň üsti arkaly iş berijileriň özlerinde bar bolan boş iş orunlary baradaky hasabatlaryny, döwlet pensiýa ätiýaçlandyrma ulgamynda iş berijileriň – ätiýaçlandyrýanlaryň özlerindäki ätiýaçlandyrylan şahslar baradaky hasabatlaryny onlaýn tertipde tabşyrmaklaryna mümkinçilik döredildi. Şunuň bilen birlikde, ulgamyň işi bilen bagly sanly hyzmatlaryň başga-da birnäçesiniň işi ýola goýuldy.

## IV bap. Zähmet bazaryny ösdürmegiň hem-de ilatyň iş bilen üpjünçiligini ýokarlandyrmagyň esasy ugurlary

Ýurdumyzyň ykdysadyýetinde gazanylýan üstünlikler we depginli durmuş-ykdysady ösüşler ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň ýokarlanmagynda öz beýanyny tapýar. Milli ykdysadyýetmiziň yzygiderli pugtalanmagy we işjeň maýa goýum syýasaty esasynda täze önümçilikleriň açylmagy, amatly işewürlik gurşawynyň döredilmegi raýatlaryň durmuş goraglylygyny berkitmäge, ilatyň maddy-durmuş şertlerini gowulandyrmaga, hususan-da, ilatyň iş bilen üpjünçiliginiň derejesiniň ýokarlanmagyna mümkinçilik berýär.

Munuň özi döwletimiziň durmuş-ykdysady syýasatynyň esasy ugrunyň, milli ykdysadyýetiň ýokary depginli ösüşini üpjün etmek bilen bir hatarda, ilatyň hal-ýagdaýyny gowulandyrmaga gönükdirilendigini hem aýdyň görkezýär.

«Ilatyň iş bilen üpjünçiligi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny ilatyň iş bilen üpjünçiligi çygryndaky döwlet syýasatynyň hukuk, ykdysady we guramaçylyk esaslaryny kesgitledi. Kanunda raýatlaryň zähmet çekmäge bolan konstitusion hukuklarynyň berjaý edilmegi, işsizlikden goralmagyna gönükdirilen çäreler, şeýle hem bu ulgamdaky döwlet kepillendirmeleri bellenen.

Konsepsiýa laýyklykda, ilatyň iş bilen üpjünçiligi çygryndaky kanunçylyk namalaryny mundan beýläk hem Birleşen Milletler Guramasynyň ýöriteleşdirilen edarasy bolan Halkara Zähmet guramasynyň ölçeglerini we kadalaryny, şeýle hem ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ösüşini we milli aýratynlyklaryny hasaba almak bilen kämilleşdirmek boýunça işler dowam etdiriler.

Iş berijilerde bar bolan boş iş orunlary we işgärlere bolan zerurlyklary baradaky maglumatlaryň iş gözleýän adamlar üçin elýeter bolmagyny üpjün etmek we onuň usulyýetini kämilleşdirmek boýunça işler dowam etdiriler. Ýurdumyzyň zähmet bazaryny öwrenmegiň we iş üpjünçilik bilen bagly maglumatlary seljermegiň usullary, bu ugurda hereket edýän hasabatlaryň görnüşleri kämilleşdiriler.

Häzirki wagtda halkara zähmet bazarynda işçi güýjüne bolan isleg barha artýar. Şundan ugur alyp, ýurdumyzyň daşary ýurtlarda işlemäge isleg bildirýän raýatlarynyň isleglerini kanagatlandyrmak, olaryň hukuklaryny goramak we degişli işleri utgaşdyrmak maksady bilen, Türkmenistanyň raýatlarynyň halkara zähmet bazaryna çykmagy bilen bagly işleri dolandyrmak, daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen şertnamalary baglaşmak we işçi güýjüniň taýýarlygyny üpjün etmek ýaly möhüm wezipeleri düzgünleşdirmek boýunça çäreleriň üstünde işleniler.

Dünýäde emeli aňyň, sanly tehnologiýalaryň, ylmyň-bilimiň barha ösmegi, haryt bazarynda bäsleşikleriň artmagy, ykdysadyýetimizde hususy pudagyň paýynyň ýokarlanmagy, şeýle hem sanly tehnologiýalaryň giňden ornaşdyrylmagy, zähmet bazarynda täze başarnyklaryň, işiň täze görnüşleriniň kemala gelmegini hem-de olar üçin amatly şertleriň döredilmegini talap edýär.

Milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynyň ösüşini häzirki zaman ýörelgeleri hem-de ösen halkara tejribesi bilen utgaşdyrmak zerurlygy ýüze çykýar. Şu nukdaýnazardan, zähmet bazaryny ösdürmek bilen bagly çäreleriň hatarynda, hususyýetçilere aýratyn ornuň berilmegi milli ykdysadyýetiň mundan beýläk-de diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürilmegine ýardam berer.

Beýan edilenler bilen baglylykda ýurdumyzda zähmet bazarynyň meseleleri bilen bagly pudaklaryň işini utgaşdyrmak, iş üpjünçilik edaralarynyň işini kämilleşdirmek hem-de olara usuly gollanmalary bermek işleri dowam etdiriler. Iş üpjünçilik edaralarynyň maddy-enjamlaýyn üpjünçilik derejesi ýokarlandyrylar, ýerine ýetirilýän sanly hyzmatlaryň gerimi giňeldiler.

## V bap. Zähmet gatnaşyklary, zähmeti goramak we zähmete hak tölemek ulgamyny kämilleşdirmegiň esasy ugurlary

Ýurdumyzda zähmet kanunçylygyny halkara tejribesinden we halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryndan ugur alyp, kämilleşdirmek boýunça işler yzygiderli alnyp barylýar.

Işgärleriň saglygyny we ömrüni goramak çäreleriniň ähmiýetini ýokarlandyrmak maksady bilen, zähmet şertlerine baha bermek işi dowam etdiriler. Gelejekde hem, zähmet kanunçylygynyň berjaý edilişini, işgärleriň iş ýerlerinde howpsuz we sagdyn zähmet şertlerine bolan hukuklarynyň, şeýle hem kanunçylykda bellenen beýleki kepillikleriniň üpjün edilişini berkitmek we gözegçilik etmek maksady bilen, degişli döwlet edaralarynyň düzümini döwrebaplaşdyrmak we ygtyýarlyklaryna seretmek göz öňünde tutulýar.

Şeýle hem bu ugurda hünärmenleriň hünär başarnyklaryny ýokarlandyrmak üçin ýörite okuwlar guralar, bellenen tertipde olaryň daşary ýurt tejribelerini öwrenmekleri üpjün ediler.

Zähmet haky her bir ýurduň, her bir işgärler toparynyň, adamyň esasy durmuş-ykdysady görkezijileriniň biri bolup durýar. Şunuň bilen baglanyşykly, zähmetiň önümçilik ösüşiniň depginine we işçi güýjüniň hiline laýyk gelýän, zähmet bazarynda bäsleşige ukyplylygyň sazlaşygyny üpjün edýän, işgärleriň, iş berijileriň we döwletiň özara hyzmatdaşlyk gatnaşyklary bilen zähmet bazaryny sazlaýan netijeli gurluşy döretmekde aýlyk haklarynyň durnukly ýokarlandyrylmagyny kämilleşdirmek boýunça işler dowam etdiriler.

Zähmet hakynyň satyn alyjylyk ukybyny artdyrmaklygyň usulynyň biri hem onuň iň pes möçberiniň ýokarlandyrylmagydyr. Halkara Zähmet guramasynyň kadalaryna laýyklykda, iň pes zähmet hakyny bellemegiň we ýokarlandyrmagyň binýatlyk esaslaryna eýerilip, onuň ilatyň durmuş goraglylygynyň ýokary derejesiniň üpjün edilmegine täsiri artdyrylar.

Zähmete hak tölemegiň çygrynda işgärleriň maddy gyzyklanmasyny, önümçiligiň netijeliligini we işiň hilini ýokarlandyrmak maksady bilen, zähmetiň netijeleri üçin höweslendiriş häsiýetli tölegleriň we goşmaça haklaryň ulgamyny hem-de aýlyk zähmet haklarynyň möçberini bellemegiň we ýokarlandyrmagyň usullaryny kämilleşdirmek boýunça işler dowam etdiriler.

## VI bap. Halkara hyzmatdaşlygy ösdürmegiň esasy ugurlary

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň başda durmagynda ýurdumyzyň daşary syýasatynda abraýly halkara guramalary, ilkinji nobatda, Birleşen Milletler Guramasy we onuň düzümine girýän guramalar bilen köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy ösdürmäge aýratyn üns berilýär. Birleşen Milletler Guramasy hem-de onuň abraýly edaralary bolan Halkara Zähmet guramasy, Ösüş maksatnamasy, Çagalar gaznasy, Ilat gaznasy we beýleki edaralary bilen netijeli gatnaşyklar ösdürilýär.

Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi Birleşen Milletler Guramasynyň Türkmenistandaky wekilhanasy, Birleşen Milletler Guramasynyň düzümine girýän guramalar, şol sanda Halkara Zähmet guramasy bilen zähmet we durmuş üpjünçiligi meseleleri boýunça ýakyndan aragatnaşyk saklaýar, olar bilen bilelikde ýurdumyzda birnäçe taslamalar durmuşa geçirildi.

Halkara Zähmet guramasy häzirki wagtda durmuş-ykdysady ösüşe ýardam bermek, adamlaryň maddy-hal ýagdaýyny ýokarlandyrmak we zähmet şertlerini gowulandyrmak, adamyň hukuklaryny goramak ýaly maksatlara aýratyn üns berýär. Bu maksatlar zähmet çygrynda hukuklary we binýatlyk ýörelgeleri durmuşa ornaşdyrmak; mynasyp iş bilen üpjünçiligi gazanmak üçin zenanlaryň we erkekleriň mümkinçiliklerini giňeltmek; durmuş üpjünçiliginiň netijeliligi hem-de hemmeleri gurşap almagy; üçtaraplaýyn gepleşikleri we durmuş hyzmatdaşlygyny ösdürmek ýaly strategik wezipeleriň durmuşa geçirilmegi bilen amala aşyrylýar hem-de Halkara Zähmet guramasynyň halkara resminamalarynda aýratyn kesgitlenýär.

Türkmenistan 1993-nji ýylyň 24-nji sentýabrynda Halkara Zähmet guramasynyň agzasy boldy we onuň bilen hyzmatdaşlygy işjeň ösdürip gelýär. Guramanyň doly hukukly agzasy hökmünde häzirki wagta çenli döwletimiz onuň on bir sany Konwensiýasyna, şol sanda binýatlyk hasaplanylýan Konwensiýalarynyň ählisine goşulyşdy.

Türkmenistan özüniň goşulyşan konwensiýalaryndan gelip çykýan borçnamalara ygrarly bolup, halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryny milli kanunçylyga ornaşdyrmak boýunça netijeli işleri alyp barýar. Türkmenistanyň Konstitusiýasynda, Türkmenistanyň Ilaty durmuş taýdan goramak hakynda kodeksinde, Türkmenistanyň Zähmet kodeksinde, «Ilatyň iş bilen üpjünçiligi hakynda» Türkmenistanyň Kanunynda we beýleki kanunçylyk namalarynda Halkara Zähmet guramasynyň konwensiýalaryndan gelip çykýan ýörelgeler beýan edildi.

Halkara Zähmet guramasynyň üçtaraplaýynlyk ýörelgesiniň milli kanunçylyga ornaşdyrylýandygynyň subutnamasy hökmünde, 2018-nji ýylda kabul edilen «Durmuş-zähmet gatnaşyklaryny düzgünleşdirmek boýunça üçtaraplaýyn topar hakynda» Türkmenistanyň Kanunyny görkezmek bolar. 2019-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan herekete girizilen bu Kanun durmuş-zähmet gatnaşyklaryny düzgünleşdirmek boýunça üçtaraplaýyn topary döretmegiň hem-de onuň işiniň hukuk esaslaryny kesgitledi. 2019-njy ýylyň 8-nji iýunynda kabul edilen Türkmenistanyň Mejlisiniň karary bilen, ýurdumyz Halkara Zähmet guramasynyň 1976-njy ýylyň 21-nji iýunynda Ženewa şäherinde kabul edilen «Halkara zähmet kadalaryny ulanmaga ýardam bermek boýunça üçtaraplaýyn geňeşmeler hakynda» 144-nji Konwensiýasyna goşuldy.

Durmuş hyzmatdaşlarynyň arasynda gepleşikleri geçirmek ýörelgesini berkitmäge gönükdirilen bu Konwensiýa zähmet çygrynda ähli ugurlary öz içine alýan halkara zähmet kadalaryny işläp taýýarlamak, durmuşa geçirmek we ulanmak bilen baglanyşykly meseleler boýunça üçtaraplaýyn maslahatlaşmalar üçin hökümetleriň, iş berijileriň we işçileriň guramalaryny birleşdirmegi maksat edinýär.

Zähmet gatnaşyklarynyň kämilleşdirilmegi halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini ýokarlandyrýar, ilatyň iş üpjünçilik meselesiniň çözülmegine ýardam berýär. Türkmenistanyň Mejlisiniň 2021-nji ýylyň 13-nji martynda kabul eden karary bilen 1964-nji ýylyň 9-njy iýulynda Ženewa şäherinde kabul edilen Iş üpjünçilik syýasaty hakyndaky 122-nji Konwensiýanyň tassyklanmagy

ýurdumyzyň Halkara Zähmet guramasynyň maksatlaryna we ýörelgelerine uly ähmiýet berilýändigini ýene-de bir gezek subut etdi.

Bu Konwensiýa doly, öndürijilikli we erkin saýlanan iş üpjünçilik syýasatyny ösdürmäge gönükdirilip, guramanyň agza döwletlerinde iş gözleýän we işe başlamaga taýýar adamlar üçin işiň bolmagyny, işleriň mümkingadar öndümliliginiň her bir işgär üçin iş saýlamak hem-de hünär öwrenmek azatlygynyň we ukyp-başarnyklaryny ulanmak üçin giň mümkinçilikleriň döredilmegini maksat edinýär.

Häzirki wagtda ýurdumyz tarapyndan Halkara Zähmet guramasynyň birnäçe möhüm ähmiýetli konwensiýalaryna goşulyşmak boýunça işler dowam etdirilýär.

Geljek ýyllarda Türkmenistanyň Prezidentiniň möhüm başlangyçlaryndan we Türkmenistanyň daşary syýasatynyň ösdürilmeginde ileri tutulýan maksatlardan we wezipelerden ugur alnyp, deňhukuklylyk we birek-birege hormat goýmak, özara bähbitlilik ýörelgelerine esaslanýan halkara hyzmatdaşlygynyň çäklerinde halkara guramalary we beýleki döwletler bilen zähmet we ilatyň iş bilen üpjünçiligi ulgamlaryny ösdürmekde işjeň hyzmatdaşlyk dowam etdiriler.

Goňşy, doganlyk ýurtlar bilen ýola goýlan hyzmatdaşlyk işjeň saklanar hem-de ösen döwletleriň ençemesi bilen hyzmatdaşlyk ýola goýlar.

## VII bap. Konsepsiýany maliýeleşdirmegiň çeşmeleri

Konsepsiýany amala aşyrmak býujetden maliýeleşdirilýän döwlet edaralary üçin Türkmenistanyň Döwlet býujetinde göz öňünde tutulan serişdeleriň, bu edaralaryň býujetden daşary serişdeleriniň we hemaýatkärleriň, hojalyk hasaplaşygyndaky edaralaryň öz we çekilen serişdeleriniň, şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygynda gadagan edilmedik beýleki serişdeleriň hasabyna maliýeleşdiriler.

## VIII bap. Konsepsiýany amala aşyrmakdan garaşylýan netijeler

Konsepsiýanyň üstünlikli amala aşyrylmagy ýurdumyzda zähmet bazarynyň has-da ösdürilmegine, zähmet gatnaşyklarynyň kämilleşdirilmegine we ilatyň iş bilen üpjünçiliginiň mundan beýläk-de gowulandyrylmagyna ýardam eder.

Konsepsiýanyň amala aşyrylmagy netijesinde:

1) zähmet, ilatyň iş bilen üpjünçiligi, durmuş üpjünçiligi çygrynda kanunçylyk namalary kämilleşdiriler;

2) ýurdumyzyň zähmet bazary we iş üpjünçilik bilen bagly hasabatlaryň görnüşleri kämilleşdiriler;

3) zähmet we ilatyň iş bilen üpjünçiligi bilen baglanyşykly ulgamy dolandyrmagyň täze institutlaryny döretmegiň üstünde işleniler;

4) Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrliginiň garamagyndaky edaralaryň işini kämilleşdirmek we maddy-enjamlaýyn üpjünçiliginiň derejesini ýokarlandyrmak boýunça işler alnyp barlar;

5) ulgamyň sanly hyzmatlarynyň gerimini giňeltmek boýunça işler alnyp barlar;

6) ýurdumyzda zähmet gatnaşyklaryny kämilleşdirmek hem-de ilatyň iş bilen üpjünçiligini has-da gowulandyrmak boýunça çäreler amala aşyrylar;

7) halkara guramalary we beýleki ýurtlar bilen hyzmatdaşlyk giňeldiler, şol sanda Halkara Zähmet guramasy bilen hyzmatdaşlyk ösdüriler we bu Guramanyň konwensiýalaryna goşulmak boýunça işler dowam etdiriler.

Türkmenistanyň Prezidentiniň
2025-nji ýylyň 5-nji sentýabrynda
çykaran 1501-nji karary bilen
tassyklandy

**Türkmenistanyň zähmet bazaryny 2030-njy ýyla çenli ösdürmegiň Konsepsiýasyny amala aşyrmak boýunça ýerine ýetirilmeli çäreleriň MEÝILNAMASY**

| T/b | Ýerine ýetirilmeli çäreler | Ýerine ýetirilmeli möhleti | Jogapkär edaralar |
|---|---|---|---|
| 1. | Zähmet we iş bilen üpjünçilik ulgamynyň kanunçylygyny kämilleşdirmek | 2025-2030-njy ýyllar | Türkmenistanyň Mejlisi, Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi, ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |
| 2. | Iş gözleýänleri zähmet we ilatyň iş bilen üpjünçiligi edaralarynda hasaba almak we olaryň işe ýerleşmeklerine ýardam etmek | 2025-2030-njy ýyllar | Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi |
| 3. | Iş berijilerde bar bolan boş iş orunlary we işgärlere bolan zerurlyklary barada maglumatlaryň ilat üçin elýeterli bolmagyny üpjün etmek we onuň usulyny kämilleşdirmek | 2025-2030-njy ýyllar | Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 4. | Şäherlerde, etrap merkezlerinde iş gözleýän adamlara bar bolan boş iş orunlarynyň hödürleniş çärelerini yzygiderli geçirmek | 2025-2030-njy ýyllar | Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi |
| 5. | Durmuş goraglylygyna aýratyn mätäçlik çekýän we zähmet bazarynda deň şertlerde bäsleşige ukypsyz raýatlary işe ýerleşdirmek üçin iş berijilere paýy bellemek we paýa laýyklykda raýatlaryň degişli toparlarynyň işe ýerleşmeklerini üpjün etmek | 2025-2030-njy ýyllar | Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi, ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary, welaýatlaryň, Aşgabat we Arkadag şäherleriniň häkimlikleri |
| 6. | Ýurdumyzyň zähmet bazaryny öwrenmegiň we iş üpjünçilik bilen bagly maglumatlary seljermegiň usullaryny, bu ugurda hereket edýän hasabatlaryň görnüşlerini kämilleşdirmek | 2025-2028-nji ýyllar | Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi |
| 7. | Halkara tejribeden ugur alyp, işe ýerleşdirmek bilen meşgullanýan döwlete dahylsyz ýuridik we fiziki şahslaryň işini düzgünleşdirýän kanunçylygy kämilleşdirmek | 2025-2028-nji ýyllar | Türkmenistanyň Mejlisi, Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi, degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |
| 8. | Türkmenistanyň raýatlarynyň halkara zähmet bazaryna çykmagy bilen bagly kadalaşdyryjy hukuk namalary kämilleşdirmek, daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen zähmet bazaryndaky gatnaşyklary ösdürmek | 2025-2030-nji ýyllar | Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi, beýleki degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 9. | Türkmenistanda iş alyp barýan edaralarda, kärhanalarda we guramalarda, şeýle hem iş beriji fiziki şahslarda zähmet kanunçylygynyň talaplarynyň berjaý edilişine gözegçilik etmek we olara usulyýet kömegini bermek | 2025-2030-njy ýyllar | Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi |
| 10. | Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň düzgünleri, kadalary, olaryň ulanylyş aýratynlyklary barada ministrliklere, pudaklaýyn dolandyryş edaralaryna, beýleki iş berijilere düşündirişleri we maslahatlary bermek | 2025-2030-njy ýyllar | Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi |
| 11. | Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ulgamynyň sanly hyzmatlarynyň gerimini giňeltmek | 2025-2030-njy ýyllar | Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi, degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary, karz edaralary |
| 12. | Zähmet kanunçylygynyň berjaý edilişini, işgärleriň iş ýerlerinde howpsuz we sagdyn zähmet şertlerine bolan hukuklarynyň, şeýle hem kanunçylykda bellenen beýleki kepillikleriniň üpjün edilişini berkitmek we oňa gözegçilik etmek maksady bilen, Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrliginiň düzümini kämilleşdirmek boýunça teklipleri taýýarlamak | 2025-2030-njy ýyllar | Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi, «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullygy, degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 13. | Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrliginiň ulgamynyň işgärleriniň hünär başarnyklaryny ýokarlandyrmak maksady bilen, okuwlary guramak hem-de daşary ýurtlarda guralýan okuwlara, okuw maslahatlaryna gatnaşmaklaryny üpjün etmek | 2025-2030-njy ýyllar | Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi, degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |
| 14. | Halkara guramalary, şol sanda Birleşen Milletler guramasynyň ýörite edaralary, Halkara Zähmet guramasy bilen hyzmatdaşlygy ösdürmek | 2025-2030-njy ýyllar | Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi, degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |
| 15. | Beýleki döwletler bilen zähmet, iş bilen üpjünçilik we ilaty durmuş taýdan goramak çygrynda hyzmatdaşlygy ösdürmek | 2025-2030-njy ýyllar | Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi, degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |
| 16. | Halkara Zähmet guramasynyň konwensiýalaryna goşulyşmak boýunça işleri dowam etdirmek | 2025-2030-njy ýyllar | Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi, degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |